# Badygaýdan / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Badygaýdan / hekaýa BADYGAÝDAN




– Senjagaz gyrnakmy, dur bakaly! Edişime bir seret! Sen çeýnejek çöpüň däldirin men! Çagajygymyň başyny aýlap, bal güniňe batyraryn öýtmegin!
Zemzen ýaly çişip ýörşüne Doýduk içersinde nämelerdir gözläp, ters aýlandy. Ahyram sary giden başatgyjyny eline alyp, dazylap daşaryk çykdy. Doýduk şol bady bilen käýinjiräp uly ýola çykdy-da edil çatyrykda abşarlyp durdy. Çem gelen ulaga elini galdyrdy. Doýdugyň deňinde saklanan bolmady.

Hazan almyşlar! Gyryň daşy ýalydyr welin, gerekleseň biri tapdyrmaz! Puldan doýupdyr-la, büý millet! Mes! Her kim. Seň alňasaýanyň piňine-de däl!
Ol duralga tarap ugrady. Ýol ulagly gitmäge Doýdugyň takaty ýetmedi. Barjak ýerinem sorap–idäp tapmalydy. Duralgadan arany açdy. Ýene öňki heň. Ahyry bir taksi Doýdugyň deňinde saklandy.
– Nirä, daýza?
Andalyp.
Doýdugyňky ýene paşmady. Geçse iki köçe geçendirdä, ulag sag tarapyna ýan berdi-de saklandy. Tigirini çalyşmaly boljakdygyny aýtdy-da, sürüji enjamlaryny alyp, ulagyň ýeňsesine aýlandy. Sabyr-takaty gaçan Doýduk ulagyň gapysyny bat bilen açyp, atylyp içinden çykdy. Gargyndy:
– Pyşdyl bol, pyşdyllar bolmuş! Öňem-ä arabadan tapawudy ýokdy, bu haýranyň!
Ýigit başynam galdyrmady, jogabam bermedi. Bu ýagdaýa Doýdugyň has-da myrryhy atlandy. Ol ýel berlen pökgi ýaly, bat bilen köçä çykdy. Ulag gözläp iki ýana elwirerdi. Ýoluň bir eýlesine bir beýlesine geçdi, elem dek durmady, dilem. Gargynjyny özünden başga eşiden adam bolmady. Barybir öň barmajagyna düşindimi, ýa-da geplemezek sürijä igesini sürtüp duranyny kem görmedimi, Doýduk moýmuldap yzyna dolandy. Ýigidiň üstüne abanyp durdy-da, iki elini bykynyna urup, urşjak horaz ýaly petekesini gaýşartdy:
– Bolar ýaly dälmi artybyň?! Ýeri, ulagyň gurat dälmi, ýolda ne körüň, saklama-da onda! Münjeg-ä başgasyna! Gytmy haýranlar?!
– Daýza alňasaň, hal-ha ýol! – diýip, ýaş ýigit tigiriň nurbatlaryny towlap oturşyna, arkaýyn jogap berdi.
Şu wagt täzeje „Žiguli” bularyň deňinden duýduryş berip geçdi-de az–kem arany açyp, gyrada saklandy. Ulagdan uzyn boýly, syratly, kişmiş ýaly sarymeňiz gyz düşdi-de, ýigidiň ýanyna gelip daýandy.
– Eliň boşany kem bolmandyr, ýogsam seni halys tutup bolanok–diýip, gyz bir geňsi ýylgyryp ýigide ýüzlendi. Şonda onuň gül öwsüp duran tämiz ýüzi has-da görklendi. Ýigit gyzyň sözine ýylgyrdy-da, başyny galdyrman jogap berdi:
– Şu daýzany alyp gitsene, Güljemal! Gaty howlukmaç görünýär. Meň entek azajyk işim bar.
– Stadiona bararmyň?

– Woleýbolamy?
– Ýok, bokus!
Gyzyň degişmesine ýigit güldi.
– Barýaryn.
– Sen barsaň ýeňäýsegem ähtimal, soň gyz Doýduga ýüzlendi:
– Ýör, daýza!
Gyz uzaga gitmän yzyna dolandy.
Doýduk hüňürdedi:
– Ütülip ölmüş, halys şoňa ýelmeşäýdi, gyz. Özem basyp giden yzyna-da degmez bir yşarat-la. Meň balajygym iner ýaly-la, munuň ýanynda.
Gyz ýigidi fabrikalarynda boljak dabara çagyryp, öýlerine çakylyk hatyny goýup gaýdandygyny-da aýtdy. Ýaryşda üstün çykanlara sylagyň gowşurylýandygynam buşlady. Şol sylagada gyzyň özüniňem paýynyň bardygyny ýigit onuň buýsançly keşbinden aňdy.
– Meni dazyladyp alyp gaýdyp, muň şopuram-a ýok–diýip, Doýduk gapdalyna gelen gyza gatyrgandy.
– Sürüji tapylar, mün daýza!
Gyz Doýduga ulagyň yzky gapysyny açyp berdi.
Doýduk haşylap oturgyja çökdi. Soň ruluň başyna geçen gyza gözlerini petredip seretdi.
– Belgisi näçe daýza!
– Belgisem gura, özem şoň. Segsen bäş öýdýärin.
– Segsen bäş!
Gyz ýylgyrdy.
– Näme tanyşyňmydy? – diýip, Doýduk gyza çiňňerildi.
– Öz-ä belet belgim ýaly.
– Belet bolsaň, gaty gowu-da, sür şolara!
– Gezelençmi, ýa işlijemi, daýza?
Doýduk ýangynly jogap berdi.
– Gudaçylyga barýaryn.
– Oň bolsun, onda!
– Oň bolarmy, bolmazmy onçasyny bilemok. Ýöne bir ýüzli edip gaýtjagym-a belli.
– Bu dyzmaçylygyňyz bilen habaryňyzy alaýsalar-a ýagşy?!
– Wah, maňa geregem şol-da. Ýuwaşrak sür, gyz! Ruluň başyna geçseňiz, edil gözüňize urulan ýaly – diýip, Doýduk indi gyza ynam etmän, janyndan gorkup dillendi.
– Howlukýan diýýän özüňiz.
– Doýduk gyzyň sözüni agzyndan aldy:

– Howlukýan diýip, öläýmeli däl. Özüňizi erkek däldirin öýdeňizok. Aýal aýaldyr. Baş bermän gitse, saklajak gümanyň bolmaz.
– Gorkma, daýza. Jylawy elimizdedir, gitjek ýeri bolmaz.
– Hawa-la jylawyňyz-a mydam eliňizdedir-le.
Doýdugyň teýenesine gyz düşindi.
– Jylawymyz-a elimizdedir, daýza!
– Şoň üçübem edeniňizi edip ýörsüňizdä!
– Ine, munyňyz nädogry.
Gyz ylalaşmady.
– Gaty dogry!
Doýduk ortara süýşdi-de boýnuny öňe uzatdy.
– Ynhalykga, men bir gürrüň bererin welin, başyňa atar, diliňi dişläp oturarsyň. Bir bendäniň dulunda oturan gülälek ýalyjak gyzyna söz aýtdym. Wah, gyz bolubam gyzmy, keýgim. Senden syratly diýsem, öte geçdigim bolar welin, aý, olam edil üzümiň suwy ýalyjak-la! Özi hem bir edepli maşgala.
Doýduk agzyny şapbyldadyp has öňe omzady: Enesine–atasyna „edeniň bor” diýip, oturan maşgalany tapmarsyň. Bolsa-da azdyr. Halaşmalymyş. Waý-eý, içim tütäberýär. Utanç–haýanam bilenoklar. Biri–biriniň goltugyndan tutuşyp, ne kinosyny goýýarlar, ne-de teatryny. Halaşdykmy şol. Özümizem halaşyp gördük-le. Waý-eý ýüzüne-de seredip bilmezdik.
Gyz ýylgyryp başyny atdy. Göwünjigiňe jüňk bolsa, ýylgyrar oturarsyň asyl. Saňa ýalan, maňa çyn, sala salsalar „Size ýaran maňa-da ýarar” sorap oturmaň-da, göwnüňizdäkini ediberiň” diýipjik otyrmyş. Wah, maňa geregem şoň ýaly dilsiz–agyzsyz maşgala-da, janym. Onsoň neneň ýanmarsyň?! Hakyt guda-da bolduk-la. Sowgat–salamynam etdik, toý tutmaly bolanda, başga bir saçy ütülmiş wah, ony görsem ütmän iýjek-le! Sen gülme keýgim, hut janym ýanyp aýdýaryn. Oglanjygymyň başyny–gözüni aýlady.
– Gyza başyny aýladýan bolsa, ogluňyz nalajedeýindir, daýza!
– Enesi men bolsam, oglunyň bihepbe bolmajagyna eýýäm akylyň ýetendir-le, seňem?! Soragyňy tüket-de, diňle!
Ol bir arwahdyr. Ýogsam çagajygym mumly ýüplüge dönmezdi. Saçy kesilen seň ýadyňa gülki düşýär. Biri gapdalynda örtener orurar-da oňa gülünermi? – diýip, Doýduk gyza gatyrgandy-da, ýene gürrüňini dowam etdi. Menem-ä bir azy ýarandyryň welin, şol arwahdan haýykdym–diýip, Doýduk nalady. Yssy alyp barýan ýaly ýelpendi–Oň bilýänini adam bilmez. Eline–aýagyna bakman

öýerjekdim. Gülälek ýalyjak maşgalany gyjagyna salamsoň tykyramajagyny bilýän-le. Bolmady. Halamady getirip üstüme zyňyp gitdiler. Onsoň agzyň uçuklamazmy? „Edeniňe däl” diýmeýänje oguljygyň, gyzyň üstüne baryp „Men başga gyzy halaýan” diýip gaýdar-da, örtenmezmiň? Gowusy meni gepletme! Düşbüje maşgala bolansoň, içimi döküp otyryn-da. Şüýl okuwa salan bolsam, beýle–beýle zatlar bolmasa-da bolmazdy. Ýogsam, görer ýalynam gördüm-le. Wah, ekzamen alýan köp. Hemmesini tanap bolýarmy? Agzasam içim tütäberýär. Gapymyz dagy bazardy, keýgim. Obaň jahyly şol ýerdedi. Hersiniň elinde-de bir tamdyradyr. Wah! tamdyr-a dälle, adyny tapsaňa, hol gapagy ýasy zat-la. Zarňyldap durandyr-la. Şuňa gözleri gidip goňşularym dagy bir ýarylmadylar. Tiňňildileri ýüreklerine düşýärmiş. Heý saz–söhbetem ýüregiňe düşermi? Özlerinden beter heňkirýärin. Tüneklerine sümüläýýärler. Dogry-da! Howly özümiňki, gapy özümiňki ne işleri barmyş. Millet ýuwaş bolsaň, depäňe çykar. Doýduk arkan gaýyşyp oturdy. –Şol sataşman geçmiş sataşdy-da, hemmesinden ökde çykdy. Gapymyzyň bazary sowuldy. Jahyllaryň birem gelenok indi. Gelselerem tapanoklar. Işsiz wagtam öýde bolanok. Toý diýdi, baýram diýdi, ýaryş diýdi. Bahanasy gyt däl. Ýetişiksiz günde galaýdy çagajygym. Wah, bu-da owarram, keýgim.

Doýduk ýene öňe süýşdi. Heziller edip obadan oba, şäherden şähere aýlanyp söwda – satyg edip ýörmäm bardy. Indi enesini aýlap ýörmäge utanýarmyş.

Doýduk gyzynyň-da üstünden düşdi. Bir barly, wezipeli ýer oňa gudaçylyga gelenmiş. Doýduk ur–tur olaryň habaryny alypdyr. Gyzy bolsa göwnemändir. Doýduk munuň üçin-de şol nätanyş gyza müňkür boldy. Ýogsam, elini sowuk suwa urman ýaşabermelije çagam.

Güljemal Doýdugy diňläp barşyna, nätanyş ýigit bilen aralarynda bolan bir wakany ýatlady. Ol ikinji smenada işländen soň, işden giç çykdy. Saý–sebäp bilen ulagdan galdy-da, pyýadalap alňasap gaýtdy.

– Salam!

Gapdalyndan duýdansyz çykan ýigidiň salamyny alsa-da, Güljemal badyny gowşatman ýoluny dowam etdi.

– Näme beýle alňasaýarsyňyz! Ýa gorkýaňyzmy?

„Sylagy, hormaty, siz-bizligi bilýän ýaly-la” diýip, içini gepleden Güljemal:

– Aý bimahal-da, gorkmanam duramok – diýdi.

– Mendenem gorkýarsyňyzmy?
– Senden-ä gorkamok.
– Gorkmasaňyzam, meni halaňyzok.
– Onyň-a dogry, halap baramok.
Ýigit Güljemala ýoluny üýtgedendigini-de ýaňzytdy.
Gyz kinaýaly gepledi:
– Aý näme, garadaňdandan adamlaryň rahatlygyny bozmaýyn–diýýärin. Geçegçä lak atjak bolup, ir bilen ukudan galýan ýoknasyzlara nebsim agyrýar.
– Siz bizi barybir diňläňizog-a.
– Geçegçä güjüklerem üýrýär. Olara üns berýän bardyr öýdemok.
Ýigit dilini dişledi. Ýöne Güljemaldan el çekmedi. Ýene oňa sorag berdi.
– Belet zadyňy sorap nätjek. Işleýän ýerimi bileňokmy? Ýöne ol taýy bikärleriň barýan gapysy däl – diýip, Güljemalam ondan kem galmady.
– Bäh, diliňiziň duzlydygyny. Nätanyşlar bilen hemişe-de şeýle gepleşýärsiňizmi?
– Ýok-la, diňe ekilmedik ýerde gögerýän narpyzlar bilen.
Güljemal öýlerine ýetendigini ýigide duýdurdy-da, ugradanlygy üçin oňa minnetdarlyk bildirip, özi gaty–gaty ýöräp gitdi.
Ertesi ir bilen Güljemal gözlerne ynanmady. Ýaňky ýigit agşamky galdyranja ýerinde, ýoluň çatyrygynda gazaryp dur. Gyz geň galdy. Ýöne birjigem gaharlanmady. Ol ýigidiň edil garşysyna gelip durdy-da, hut köne tanyşlary ýaly ýyljyraklap, oňa elini uzatdy.
– Salam!
Ýigit beýle zada garaşmanyndan soň, aljyrap, birki ädim yzraga süýşdi. Güljemal salamyny gowuşgynsyz aldy.
– Adym Güljemal. Seňňem adyň Kakamyrat. Şeýle dälmi?
– Howa–diýip, ýigit heniz hem geň galyp durşuna jogap berdi.
– Kakamyrat, gel ikimiz şeýle gepleşeli! Sen meni yzarlap ýörme. Ugratjak, ýa garşylajagam bolup azara galma! Aňsadyny edeli. Gel, bileje biziň fabrikamize gideli. Gör, tanyş! Özüň ýaly ýigidem köp. Hatda gyzam–diýip, Güljemal ýylgyrdy. –Bir öwrenişäýseňem, gaýdasyň gelmez. Ikimizem bir ýerde işläris. Şeýtsek gowy bolmazmy?
– Işlejek bolsam, iş taparyn-la diýip, ýigit birhili ýaýdandy.
Güljemalyň ýigide „iş tapýan bolsaň näme boş kaňkap ýörsüň” diýesi geldi. Sebäbi ony bikär, ýoknasyz oglanlaryň arasynda

hem görýärdi. Ýöne göwnüne degäýmekden ätiýaç etdi-de başga zat diýdi:
– Garawullajak bolsaň gyzam taparsyň. Ylalaşmasaň, özüň bil! Biziň oglanlarymyz keseki ýigitler bilen hamçam bolşup ýörseň, halanoklar. Seň üçin olaryň göwünlerini ýykyp bilmerin.
Gyz gapdalyndan ýöräp barýan ýigide gözüniň gytagyny aýlap goýberdi-de ýene gürrüňini dowam etdi. –Öz oglanlarymyzyň biri hasap edäýjekdim.
Elbetde fabrikamyz enem ogullarynyň işlejek ýeri däl. Bize gaýratly ýigitler gerek. Ýigitden jogap bolmady.
Epesli wagtlap şol bir ýagdaý dowam etdi. Güljemal Kakamyrada kän bir ýüz bermese-de, göräýmäge bibaş görünýän, emma sada, özi-de diýseň gujurly hem şadyýan bu ýigidi özünden daşlaşdyrasy-da gelmedi. Ony işe çekesi, aralaryna goşasy geldi. Şonuň üçin hem ol ýigide gaty–gaýram söz diýmeg-ä beýle-de dursun, tersine, her duşanda oňa dokma fabrikalaryndaky ýaşlaryň bitirýän işlerini, hatda maksatlaryny, isleg–arzuwlary, şagalaňly dynç alyşlaryna çenli gyzykdyryp gürrüň berdi.
Bir gün ir bilen Güljemala fabrikalarynyň gapysynda bir ýaş ýigidiň garaşýandygyny aýtdylar. Çyksa Kakamyrat, bir geňsi ýylgyryp dur.
Güljemal bir agyzam geplemedi-de, ýigidi dokma fabrikasynyň giň gapysyndan içine tarap alyp gitdi…
Doýdugam gepini gutaran bolmaga çemeli. Duýdansyz sorag berdi:
– Egniňdäki begresi nireden aldyň, gyz? Bazarda-ha beýle–beýle zat ýokdur. Elin tikdiripsiň öýdýärin. Meň gyzlarymam-a el işine ökdedir welin, aý ýok, bu has sünnäläp edilipdir. Tahýajygyň keşdelerem-ä simden çekilen ýaljak.
– Şolar-a daýza, özüm tikdimem, bejerdimem–diýip, Güljemal jogap berdi.
– Aý ýog-a?!
Yzyndanam Doýduk düýbünden başga zat diýdi.
– Bular seň eliňden gelmeli. Tüweleme, tüweleme özüň bir üýtgeşik maşgala-da! Wiý ýogsa-da ýaňky şopur nämäň!
Gyz jogap bermedi-de, ýöne ýylgyraýdy. Şol wagtam Güljemaly tanyşlarynyň biri saklady. Garaýagyzdan görmegeý gyz maşynynyň öňki gapysyndan içine boýnuny uzatdy. Ol bir haly aljak bolýanlaryny, ejesiniň şony görüp gitmegini haýyş edip yzyndan iberenini Güljemala aýtdy. „Ikimizem haly tanamzok” diýibem üstüne goşdy.

Güljemal gyza howlukmaçdygyny duýdurdy. Hamyr edip gaýdypdyr. Şony bişirdigi, barmaga söz berdi.
– O nämäň, gyz! – diýip, Doýduk ýola düşenlerinden soň, ýene Güljemala ýüzlendi. Doýdugyň soranjyrap oturşyny halamasa-da, gyz oňa jogap bermezligi özüne uslyp bilmedi.
– Ýaňky sürüjiniň gyz jigisi.
– Ejeň, kakaň ýokmy, gyzym?!
– Bar.
– Çörek bişirjek diýensoň soraýaryn.
– Biz-ä daýza, ejemize indi köpden bäri çörek bişirdemzok.
– Wah, diliňe döneýin! Göwnüm bol-a! Meňkiler tikin dagy tikseler dagy süýşüren ýalydyrlar. Soň ýatan çöpi galdyrmazlar.
Ulag haşamlanan ýaşyl derwezäniň gapysynda saklandy.
– Diýýän jaýyňyz-a şu bolmaly, daýza.
Doýduk ýaýdandy.
Güljemal muny duýsa-da, oňa üns bermän, ulagynyň gazyny öçürdi-de, onuň içinden çykyp, sagyna aýlandy. Doýduga düşmäge kömekleşdi.
– Gyzym, bäriňe seret. Sen şulara tanşym diýdiňmi? Eýle bolsa sygryň guýrugynda pyçak döwme–diýip, Doýduk onuň gidibermeginden ätiýaç edip öňüni gabalady. –Büçe bolanyna görä, gel, indi öýlerine-de elt!
Güljemal Doýduga „gelşiň gaty batlydy-la, daýza” diýesi geldi. Muny uslyp bilmedi-de, oňa bir şert bilen gitjekdigini aýtdy.
– Nähili şert? – diýip Doýduk gözüni tegeledi.
– Daýza, ilki ikimiz gowy edip gürleşeli. Soň howla gireli. Ýogsam, meň ejem – kakam artykmaç gürrüňi-de, gykylygy-da halaýan adamlar däl. Gyz utanjyrap ýylgyrdy:
– Girmänkäk tanşaly. Şol ütmän iýjek bolup gelýän gyzyňyz-a men. Ýöne ogluňyzy ilden çykarmadym-da, sana goşdummykam diýýärin. Şoňa akylyňyz ýetmeýän bolsa-da, ynha men, ynsap özüňizde.
Doýduk edil garşysynda derek ýaly bolup duran merdemsi gyza şeýle geň galyp seredip durdy. Durdugyça-da onuň ýüzi barha ýagtyldy.
– Sen meni aldaýan bolaýma, ütülmiş?! – diýende onuň sesi birhili guwançly çykdy.
– Meniň size ýalan söz bergim ýok, daýza! Tanyşdyk dälmi? Gidiberiň onda! Ýöne habaryňyzy alarlar öýdemok. Siziň islegiňizem şoldy–diýip, Güljemal kinaýalyja ýylgyrdy-da,

derwezäni giňden açdy.
— Eje, aý eje — diýip ol gygyrdy.
Içerden uzyn boýly, daýaw, syratly aýal çykdy.
— Myhmanyňy kabul et, eje!…
Şirinjemal GELDIÝEWA. Hekaýalar